# Bu bir ýatlama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bu bir ýatlama BU BIR ÝATLAMA

***Diñe söýgi ýatda galar ebedi..***
***Seýitmyrat Geldiýew.***

"Diñe söýgi ýatda galar ebedi.."
Sübseli!…Göz diker wagtyñ şemaly,
Eleginde barlyk baryn eledi.
Ümsümlik !
Pyşyrdaýar yşkyñ şemaly.

Säher, gündiz, öýlän, garañky gije,
Söýgi bolsa ýakar otyr çyrasyn,
Kim bilýär, mañlaýdan çykjak ne bije,
Eý pyşyrdy, pyşyrdaman syra siñ !

Nämälimlik ! Gürsüldeýär ýüregiñ,
Ýogsa munda sen ýok, bu bir ýatlama !…
Arşdanmy, Ýerdenmi eý, jan seregim,
Pikirleriñ külün dörýän…
Otlama!…

21.01.2021 ý.
Oguljemal ÇARYÝEWA. Goşgular